# Suduň bäri ýanyndan gaýtdyk / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Suduň bäri ýanyndan gaýtdyk / satiriki hekaýa SUDUÑ BÄRI ÝANYNDAN GAÝTDYK




«Ata-enäni ynjydan ulalyp oňalmadyk peläket» diýip, käýinmeseňiz, men size bir wakany gürrüň bereýin.
Garrylarym obada ýaşaýardy, men bolsam şäherde. Rysgymyz aýry. Birek-birege mätäç zadymyz ýok. Şeýle-de bolsa men ata-enäni gözden salamok. Işden boş günlerimde oba baryp: «Kaka, eje, kem zadyňyz barmy?» diýip sorap durýan. «Jan ogul, şu sözüňiň özi hem her zada degýär» diýşip, garrylaram menden hoşal.
Arada kakam syrkawlapdyr. Barsam, kakamyň meni garşy alşy öňküleri ýaly däl.
– Essalawmaleýkim kaka – diýsem ol:
– Waleý – diýip, gysgaldyp jogap berdi.
– Kaka, taplaryň neneň?
– Näme, sen wraçmy?
Esli salym oturanymyzdan soň, kakam etegindäki «daşyny» döküp, maňa söz gatdy:
– Häk, dogman geçen diýmäýin diýsem, men ölümiň bäri ýanyndan gaýtdym. Sen bolsaň bizden habaram alaňok. Seni şunça ýyllap ekläp-saklap…
– Kaka, sen hernä meni ekläniňi dil çolagy edinýäň. Gel, ikimiz bir zady gepleşeli. Şu güne çenli meni ekläniň üçin näçe harç çeken bolsaň, men şony tölejek.

– Han ogul, ilki çörekden başlaly – diýip, kakam çota ýapyşdy.
– Ine, ogul, sen şunça halta unuň puluny tölemeli bolarsyň – diýip, kakam çotuň çep tarapa geçen düwmelerini maňa görkezdi. Menem jübüme elimi sokup:
– Bolubilýär, ony häziriň özünde nagt edäýerin. Her haltaňa 18 manat 20 köpügi menden al – diýdim. On sekiz manat ýigrimi köpügi eşiden kakam:
– Ýo-ýo-ýok, h-h-han o-o-gul – diýip, kakam sakawlaberdi. Ol titräp:
– Men ol bahaňa razy däl. Eger sen iýen duzuňy haklajak bolsaň, her halta un üçin 22 manat töläp, haltasynam getirip bermeli bolarsyň – diýdi.
– Kaka, men döwlet nyrhyndan çykjak däl.
– Menem saňa Döwletiň nyrhyny töle diýýän-dä!
– Ol nähili beýle bolubilýär? Birinji sort unuň bir haltasy 18 manat 20 köpük. Ine şoňa döwlet nyrhy diýilýär, kaka.
– Men uny obamyzdaky magaziniň müdiri Döwletden aldym, düşündiňmi.
– Men müdiriň bahasyny tölejek däl.
– Tölärsiň.
– Suda beräý, kaka. Kimiň mamladygyny kanun aýdar.
– Ýör suda – diýip, kakam ýerinden turdy.
– Wa-ýeý, beýle sözi oýun edibem aýtmaň – diýip, ejem araçy boldy, ýogsam iş ula tutaşjakdy.
Gurbangylyç HYDYROW. Satiriki hekaýalar